# Zyndanda ýanan şem -21: Talañçylyk

Category: Kitapcy,Powestler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zyndanda ýanan şem -21: Talañçylyk TALAŇÇYLYK

Baýram aganyň balygy edäýşine haýran galdym. Ilki bilen-ä ol lakgany gamyş düşegiň üstünde uzyn ýatyrdy. Soňra mydama eşeginiň gaňňasyndan asylgy çal torbany getirip, onuň bilen maňa suw daşatdy, özem läbik, lokur däl-de, hool, tokurtganyň akymynda, oýtum-oýtum bolup, durlanyp ýatan durnagöz suwdan. Ol elini çyzgap, balygyň, köne hum ýaly garalyp ýatan kellesinden başlap tä guýrugynyň ujuna deňiç tämiz ýuwdy. Göwnüme bolmasa balygyň görnüşi-de üýtgedi.
Baýram aga oragyny ýabyň raýşynda, kipirdäp, seçelenip ýatan kirşene urdy. Gumy boýlap-boýlap, hamyr kesen ýaly edip, oragyny eýläk-beýläk ýöretdi. Soňra, «orakda hapa-hupa galaýan bolaýmasyn» diýen ýaly, üstünden ýyl ötüp, samana dönen çaýyrlardan bir gysym ýoldy. Oragy çaýyr desmil bilen ykjam ýuwdy. Ýaşuly bu işleri aýratyn bir lezzet bilen berjaý etdi.
— Oba gidip pyçakdyr palta getiräýsegem bolman durmazdy. Gatnap dursagam birhili. Orak bar, pil, kepje bar oňaýarys — diýip, lakganyň sagrysyndan orak salyp, onuň derisini selterip guýrukdan çykdy. Indi balygyň ýasy sagrysy hor ineriň örküji ýaly iki gapdala sallanyp ýatyr.
— Gurban, al bäri kepjäni. Özüňem tut, etiň bir çetinden. Munuň gapyrgalaryna seret, çebşiňkiden kem däl. Bize hudaý ýetirdi, oglum. Çagalara iki hepde mydar bolar. Oňa deňiç bugdaý başlar. Hol ilerki, dersli käliň gyrasyna bir joýa kädi ekdim welin, eýýäm düwdi. Indi bize zat bolmaz. Uruş gutardy. Açlygam sowular, gitjek ýeri bolmaz.
Baýram aga howlukmady, ýüzi päki ýaly kesgir, tämiz kepje bilen lakganyň çep, oňurga gylçyklaryny ýekän-ýekän, çapyp, ony uzaboýuna deň ikä böldi.
Balygyň agramy çenimizden artyk geldi. Paýymy zordan göterip

öýe gelsem, gapymyz hümer. Bir furgon üsti goşly gidip barýar. Ikinjisine ýük urulýar. Üçünjiniň içi boş, düýesi çöküp ýatyr. Men bir bada hiç zada düşünmedim. Aklym üýtgän ýaly ýeten ýerimde duruberdim. Şo durşuma näçe aňkaryp durandygymy bilemok, boş duran araba gara öýümiziň tärimdir uklaryny ýükläp ugranlarynda özüme geldim.
– Adamlar, bu edýän işiňiz näme?
Bir bogdak uk göterip howludan çykan Nazar gözüne dökülip barýan monjuk-monjuk derini ýeňiniň ujy bilen syryp goýberdi-de:
– Göçürýäs – diýdi.
– Kimi?
– Daýyňlary.
– Nirä?
– Daýzaňyň täze äriniň öýine.
– O näme üçin beýle, kim muňa rugsat berdi. Daýym dolanyp gelýänçä, bu öýüň eýesi men ahyryn.
– Sen bolarmyň, asla-da sen bolup bilmersiň – diýip, ýükli arabanyň o ýüzünden başlyk çykdy.
– Sen asla kim, ä? Bu öýüň ýegeni. Mamaň diri bolsa, bolmanam durmazdy. Akjagül ejäniň bir eýýäm süňki çüýredi. Daýyň ölümi-dirimi, belli däl. Eger baram bolaýsa, ol dönük. Ýesir düşen adamyny hökümet ýagty jahana çykarýan däldir. Daýzaň bolsa honha, äre çykdy, akyl etdi. Indi bu öýüň ýeke-täk eýesi ho çagajyk – diýip, ol daýymdan galan ýeke-täk ýadygärlik Nargüljigi görkezdi. Men sesimi çykarmadym. Başlygyň diýýenlerine dälem diýmäne gurbum çatmady. Başlyk, eýsem, bimamla-da däldi. «Bu öýüň ody bilen girip, küli bilen çykanym biderek bold-ow» diýip, içimi hümledip galyberdim.
Goşlar arabalara ýüklendi. Açlykdan sütünim süýnse-de, selme goýman, ýorunja goýman iýip, ýüzüm-gözüm göm-gök bolup çişsem-de, ýeke dänesini kemeltmän saklap ýörenim, içi tohum jöwenli torbany süýräp daýzam içerden çykanda, jynsym üýtgedi. Ýerimden zöwwe galdym. Şerraýlykdan ýakasyny tanadan bihaýa, reňkinde rehim-şepagat galmadyk daýzam Sadabyň üstüne böküp, onuň elinden içi jöwenli torbany kakyp alanymy duýman galdym. Sadap menden beýle garşylyga garaşmadyk bolsa gerek. Ol ýere

ýazyldy.
– Waý, illereý, ýetiň. Öldürdi-leý meni… Waý waaaýeý…
Börügi togalanyp honda düşen heleýiň gapdalyndan ötüp, bosaga ýetemde, ýagyrnymdan urulan penjäniň awysy depäme ornady.
– Dur, köpeý ogly! Al bäri, haltany!
Meniň bilen daraşýanyň kimdigini anyklamak üçin yzyma öwrülsem, ol oba şurasynyň başlygy Bozagan köse ekeni.
– Äber bäri, haltany diýýän men saňa! – diýip, ol meni telpek oklan ýaly bir gapdala zyňjak boldy. Emma men içi tohumly torbany sypdyrmadym.
– Agam, bu torba degmäň. Tohum üçin goýulan jöwen, nesip bolsa, erte ýa biri gün muny ýere sepjek. Iýmän-içmän saklan zadym. Menem il deňinde işläp ýörün, onsaň iýmek-içmek maňa-da gerek.
– Bozagan aga, gulak asma, bu çöpdüýbä kim ýer beripdir – diýip niredendir bir ýerden başlyk gygyrdy. Men haltany sypdyrman jogap berdim.
– Başlyk, başlyk!
– Aý doňuz, zol «başlyk başlyk» diýip gaýtalap dursyň. Näme meniň adym ýokmy?
– Wah, sen atly bolanda onda adam bolaýmazmyň. At ynsana mahsus ahyryn…
Ine şeýdip, durmuş maňa ýene-de bir şarpyk urdy. Powestler